# Yşk bahary

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Yşk bahary YŞK BAHARY

Geldi yşkymyzyñ gülgün bahary,
Gel, ezizim, bile çemen bogaly.
Ýazyñ çabgasyna, bahar ýagşyna,
Ýanyp duran kalbymyzy ýuwaly.

Gözleriñde edil älemgoşar deý,
Görünýän söýgümi, armanmy näme?
Ýaşyl ýaýlañ köze dönen gülleri
Yşkymy görkezip durmanmy näme?

Ynha-da, nurly Gün ýene-de dogdy,
Dogdy ol oduma täze ot goşup.
Ýüregime iki Güneş nur saçýar,
Seniñki, ezizim, gaty üýtgeşik!

Aýjemal BABAGULYÝEWA. Goşgular